# Übtüjekler / kinniwanja kyssalar – Ýylgyryş

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Übtüjekler / kinniwanja kyssalar – Ýylgyryş …-Yrzalaşyp bir gal, gelneje! Sogrulyp barýar!-diýdi-de, lukman dälizden gartaşan zenany demini sanap ýatan hassanyň ýanyna çagyrdy.
Aýaklaryny saňňyl-saňňyl etdirip zenan, syrkawyň ýatyş sekisiniň gapdalyndaky oturgyja mejalsyz göwresini goýberdi.
Saralyp-saralyp, derisi köne kagyza dönen arryjak elini emaý bilen gysdy.
Ýarym-ýaş bolup aglamaga-da maý ýok.
Geplemäge-de mümkinçiligi…
Bokurdagynda düwnük çişi dörändigi sebäpli, soňky iki aý bäri gepläbem bilmeýär…
Ysgyny barka-ha, diýesi gelýänini kagyza çyrşap berýärdi welin, bu mahal-a oňa-da haly ýok…
Diňe gözlerini balk-balk etdirip, şo-o-ol seredip ýatyr…
Gorkam ýok, olar-da, ahmyr-armanam…
Diňe mähirden püre-pür…
Yrňyldap dur…
Birdenem zenan özüniň gysymlaýan elinde nämedir bir zadyň bardygyny duýdy.
Hassanyň aýasyny açdy.
Sähelçejik kagyz bölejigi…
Gyssanyp açdy-da, körmüş gözlerine golaýlatdy.
Gözüni ümezledýän gözýaş perdesiniň aňyrsyndan kagyz bölejigine ýazylan ýazgyny daşyndan pyşyrdap okady:
-Gözleriňde özümi görýän…
Ýylgyrdy…
Kyrk ýyl mundan ozal, ýaş gelinkä her gün işden gelende şeýle diýip degşerdi…
Syrkawam ýylgyrdy…
Jan berdi…

Olary synlap duran lukman: “Ýylgyrybam ölüp bolýan ekeni” diýip, içinden geň galdy… Hekaýalar